# Bagtyýarnama: Abu Sabyryñ hekaýaty

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bagtyýarnama: Abu Sabyryñ hekaýaty DÖRDÜNJI BAP

▶ **ABU SABYRYŇ HEKAÝATY**

Bagtyýar gürrüň berip başlady:
– Rowaýatçylar şeýle rowaýat edipdirler. Gadym zamanda bir adam bardy, ady Abu Sabyrdy. Ol hemişe sabyr-takat bilen iş görerdi. Bir gün onuň ýaşaýan obasynyň töwereginde bir arslan peýda boldy. Ol arslan musulmanlaryň köp dowarlaryny harap eýledi. Adamlar üýşüp, oňa:
– Maslahat şeýle, sen hem biziň bilen ýörgün, ol arslany öldürip, onuň şerinden gutulalyň – diýdiler.
Abu Sabyr:
– Arslany öldürmek patyşalaryň işidir. Degmäň, adam arslan bilen garpyşyp bilmez. Birden, adamy hem heläk edäýmesin. Onsoň artyk zyýana galaýmaň. Gowusy, sabyr eýlemek. Sabyr etseň iş ýeňilleşer – diýdi.
Olar Sabyryň sözüni tutup, sabyr etdiler. Birküç günden şol iliň patyşasy şol oba ugrady. Olar arslanyň hekaýatyny patyşa aýtdylar. Patyşa goşuna buýurdy, olar arslanyň daşyny gurşap aldylar we ony depelediler.
Şol obada bir emeldar bardy. Birnäçe aýýar bir gijede gelip, ony depeläpdirler. Onsoň obanyň adamlary düýrülip, üýşüp, Abu Sabyryň gaşyna gelip:
– Kerem et, biziň bilen ýör. Patyşanyň gaşyna baralyň we bu işden habarymyzyň ýokdugyny bildireliň – diýdiler.
Abu Sabyr:
– Baryň, siz özüňiz bilersiňiz, ýöne men gitmerin – diýdi.
Oba adamlary hem gitmediler.
Emeldarlaryň öldürilendiginiň habary patyşanyň gulagyna ýetdi. Ol örän gaharlanyp, goşun iberdi we ol obany çapawullady. Oba

adamlary ýene-de Abu Sabyryň gaşyna gelip:
– Gel, patyşanyň gaşyna baralyň we halymyzy bildireliň. Ýör gitdik. Ýogsa, kül deýin ýakyldyk – diýýärler.
Emma Abu Sabyr gitmeýär. Olar gitdiler hem-de ahwallaryny beýan etdiler. Patyşa örän gussa batyp:
– Ne üçin öňünden gelmediňiz? – diýip sorady.
Olar:
– Bir ulymyz bar. Şonuň bilen sözleşdik, ol gaýtmady. Onsoň biz hem oňa uýup, gaýtmadyk – diýdiler.
Patyşanyň buýrugyna görä, ýok edilen zatlary hazynadan berdiler. Soňra ýene-de patyşanyň buýrugyna görä, Abu Sabyry obadan çykaryp kowdular. Abu Sabyr aýalyny we oglanjyklaryny alyp, obadan çykyp gitdi. Birküç günden soňra birnäçe ogry-garakçylara sataşdy. Ogrular görseler, olarda mal-dowar ýok, onsoň onuň iki sany oguljygyny aldylar hem-de:
– Äkidip satalyň. Birküç gün harjymyz bolar – diýdiler.
Misgin ata-ene aglap-eňrediler. Ahyry köp muşakgatlyklar bilen bir obanyň çetine gelip ýetdiler. Abu Sabyr aýalyna bakyp:
– Sen şu ýerde otur. Men şol oba baryp göreýin. Belki, elime biraz iýer ýaly zat düşer – diýip, oba gitdi.
Bir esrik atly geldi. Görse, ýalňyz bir aýal otyr. Ol atly bu aýala kast etmek isledi. Aýal:
– Menden eliňi çek. Men bir mähnete duçar bolan kişidirin. Adamym şol oba gitdi. Gelende seni meniň ýanymda görse, saňa zyýan ýetirer – diýdi.
Atly gazaba münüp, gylyjyny syýrdy hem-de islese-islemese-de aýaly göterip, alyp gitdi. Aýal gutulmagyň mümkin däldigini bilensoň, topragyň üstünde barmagy bilen: «Men ýene-de zamananyň belasyna ýesir we duçar boldum» diýip ýazdy.
Abu Sabyr geldi, emma aýalyny goýan ýerinden tapmady. Seretse, toprakda ýazgy bar. Ony okap görüp: «Eý, Taňrym! Meniň başyma düşen bu bela nämedir?! Indi işim sabyr etmekdir. Sabyr edeýin» diýip, Taňra töwekgellik edip, gözi ýaşly, bagry başly gaýgy-gama batyp ugraberdi. Birküç günden soň bir şähere bardy. Ol şäheriň bir zalym begi bardy. Ol köşkler gurdurmak bilen meşguldy. Şähere herne garyp gelse, tutup, işlederdi. Abu Sabyr gapydan içeri giren badyna tutdular, getirdiler-de

işe kowdular. Abu Sabyr ol ýerde bir zaman işledi. Bir gün işläp ýörenleriň biri merduwandan ýekyldy. Ol örän gama batyp:
– Eý, Ejizleriň Goldawçysy, eý, Çäresizleriň Çäreçisi. Bizi bu beladan gutargyn – diýdi.
Abu Sabyr bu nalany eşidip:
– Eý, ýigit! Munça wagtdan bäri ahy-nala kylar sen?! Ahy-nala bilen hiç kim maksada ýetip bilmez. Sabyr et. Sabyr bilen agyr işler ýeňil bolar – diýdi.
Şa muny eşidip, merduwandan ýykylana ýüregi awap, oňa birküç akja berdi hem-de ondan halallyk diläp, boşadyp goýberdi. Soňra bolsa:
– Ol kişini zyndana salyň. Göreliň, hany sabyr bilen işi nirelere ýeter – diýip buýurdy.
Onsoň Abu Sabyry tutup, zyndana eltdiler-de oklap goýberdiler.
Bu patyşanyň zulumyndan halk örän bizar boldular. Ol öz gardaşyny hem zyndana oklapdy. Halk düýrüldiler, üýşdiler hem-de: «Bu patyşany öldürip, gardaşyny beg göteréliň» diýip, dil birikdirdiler. Ol zalym bu ýagdaýy duýup, gaçyp gitdi. Halaýyk şondan göni zyndana bardylar hem-de begiň gardaşydyr öýdüp, Abu Sabyry zyndandan çykaryp, beg edindiler. Onuň bilen ant içişip, ähti-peýman etdiler we patyşalyga göterdiler. Şeýdip «Sabyr – giňligiň açarydyr» diýen nakylyň manysy ýüze çykdy.
Abu Sabyr hazynany açyp, mal-baýlyklary üleşdirdi. Baryp, ol zalym begi tapyp, depelediler. Abu Sabyr, älemi adyllygy bilen gurşap aldy. Nygmatlar köpeldi, rahatlyk boldy, halaýyk ýygnandy.
Elkyssa, Abu Sabyryň oglanlaryny zor bilen alan ogrular hem öz aralarynda: «Geliň, bu oglanlary şol beýik patyşa elteliň. Adyl begdir, bize köp akja bilen dirhem sowgat berer» diýdiler. Olar oglanlary Abu Sabyryň gaşyna getirenlerinde, ol öz çagalaryny görüp, şükürler etdi we olary köşge goýberdi. Soňra Abu Sabyryň buýrugy bilen ogrularyň ellerini kesdiler.
Birküç gün geçenden soňra, Abu Sabyryň aýaly patyşanyň adalatynyň çawuny eşidip, şikaýat etmek üçin özüni köşge atdy. Ol aýaly alyp gaýdan adam gelip:
– Eý, patyşahy älem! Bu aýal meniň aýalymdyr. Häzir menden gaçyp gaýdypdyr – diýdi.

Onda ol aýal:
– Ýalan aýdýar. Meni güýç bilen saklaýar. Meni pylan obadan alyp gaýtdy. Maňa zulum edýär – diýdi.
Abu Sabyr aýalyny tanady we köşgüne iberdi. Ol kişä bolsa haýbat atdy. Şäher halky we esgerler: «Bu patyşa neçün beýle zulum etdi» diýip, bu işlere haýran galdylar. Abu Sabyr halkyň haýran galanyny we gohlaýanyny bilip, ýagdaýyň nähilidigini aýan etdi. Onsoň halk dymyp galdy.
Birküç günden soň Abu Sabyry obadan kowan begiň garşysyna topalaňçylar çykyp, ony öldürmäge kast etdiler. Ol gaçyp, Abu Sabyryň gaşyna geldi hem-de:
– Eý, patyşa! Zuluma uçradym. Halkym maňa hyýanat etdi. Meni ilden çykardylar. Maňa medet ber – diýip, arz etdi.
Abu Sabyr ony gören badyna tanap, gaşyna çagyrdy hem-de:
– Meni bilermi sen?! Sen özüň neneňsi zulumlar eýlediň. Meni ýurdumdan çykardyň. Ýöne meniň sabyr-takatym meni şu hala getirdi. Seniň zulumyň seni şu ýagdaýa atardy. Indi bu gün eden işiň jezasyna duçar bolduň. Indi ýene-de Taňrydan medet-goldaw gelýänçä sabyr eýle – diýdi.

* * *

Bagtyýar bu hekaýaty tamamlap:
– Indi eý, patyşahy älem! Meni öldürmäge gyssanma , sabyryň peýdasyny taparsyň – diýdi.
Onsoň patyşanyň buýrugy bilen ony ýene-de zyndana eltdiler.

* * *

Ertesi, Gün özüniň gök hyrkasyndan baş göterende, patyşa tagtyna çykyp oturdy. Nobat bäşinji wezire ýetdi. Ol ileri çykyp, söze başlady hem-de:
– Eý, älemiň şasy! Oglanyň günäsi Güneşden nurly, Aýdan aýdyňdyr. Buýruň, syýasat etsinler – diýdi.
Onsoň patyşanyň buýrugy bilen Bagtyýary syýasat meýdanyna getirdiler-de, çökerdiler. Jellatlar onuň boýnuny çapmak üçin ugrady. Şol wagt Bagtyýar patyşa garap şeýle diýdi:
– Eý, älem patyşasy! Adyllygyňy görkez! Bilgin, Haktagala saňa

munça halaýygy duşmanlaryň sözüne gidip, bir bigünä bendäni öldürmegin diýip tabşyrdy. Patyşa diňe eglenäýse giç boljak ýa-da syýasat edilýän gaçyp gutuljak bolan ýagdaýynda syýasata derrew girişer. Men biçäräniň ne gaçmaga aýagym bar, ne gitmäge ýolum bar. Duşmanlaryň sözüni diňlemegin. Birden, soňra puşman etmeli bolaýmagyn. Eger buýursaň şuňa degişli bir hekaýat aýdaýyn, diňle, göripler neneňsi işler edipdirler. Ýogsa, soňra özleri-de şol güne düşýärler.
Patyşa:
– Hany aýt eşideliň – diýdi. Hekaýalar